# 2014-nji ýyl bedew ýyly

Özüniň wepadarlygy we gaýduwsyzlygy bilen nusga bolan bedew ýyly türkmen halky üçin aýratyn ähmiýete eýedir. Sebäbi, türkmen halkynyň köp asyrlyk taryhy ösüş ýolunda ynamdar we ygtybarly ýoldaş hökmünde bedew aýratyn orun tutýar. Şonuň üçin hem Türkmenistanyň Tugrasynyň merkezinde ajaýyp ahalteke bedewi bolan Ýanardagyň keşbiniň orun tutmagy ýöne ýere däldir.



Türkmen döwletiniň nyşanyna öwrülen bede wat 1991-nji ýylda eneden boldy. Taýçanak ilkinji günlerden başlap, ony dünýä inderen Ýalkymly aty we Dabaraly baýtaly owadanlygy boýunça örän seýrek duş gelýän taýçanagy dünýä inderendigi atşynaslar üçin mälim boldy. Türkmenistan diňe bir öz tugrasynda bedewiň keşbin iýerleşdiren döwlet bolman, eýsem bu ýerde köp ýyllardan bäri Türkmen bedewiniň güni döwlet derejesinde bellenilip geçilýär. Bu baýramçylykda halkara ylmy maslahatlary geçirilip, oňa dünýäniň ähli ýurtlaryndan ahaltake bedewleriniň hünärmenleri we atçylyk zawodlarynyň hünärmenleri gatnaşýarlar. Häzirki wagtda bolsa paýtagtdaÝanardagy şekillendirýän monument gurulýar.

Biz bu bedew aty barada näme bilýäris? Türkmenhakynyň bedewlere şahyrana, belent atlary dakmak ýörelgesi bugezek hem dowam etdirildi. Mundan hem başga, ýene-de bir şert dowam etdirildi – taýçanaga at dakmak däbi dowam etdirildi. Onuň ady atasynyň adynyň baş harpy bilen başlamalydy hem-de enesiniň adynyň başharpyny özünde jemlemelidi. Şeýlelik bilen, ahalteke bedewleriniň öňden gelýän ugurlarynyň birindeÝanardag emele geldi.

Ýanardag ahalteke bedewlerine mahsus bolan daşky görnüşi boýunça ajaýyp keşpli we ajaýyp ýörişli gaýtalanmajak altynsow-melereňke eýedir. Ýnardag çalt we ýeňillik bilen gopýar, duran ýerinden çaltlyk bilen atylyp gidýär. Ol 1998, 1999, 2000-nji ýyllarda Aşgabatda geçirilen sergide – gezimetmekde çempion diýlip ykrar edildi. 1999-nji ýylda ahalteke bedewleriniň Moskwada geçirilen Bütindünýä sergisinde dünýä çempiuony boldy. 2 ýaşdan 9 ýaşa çenli ýaş aralygynda ol iri at çapyşyklarynda yzygiderli baýrakly orunlary eýeläpgeldi.



Ahalteke bedewleri dogrudan hem türkmen halkynyň gazanan beýik üstünligidir. Milletiň ýaşamagynyň bütin taryhynyň dowamynda olar öz eýeleriniň wepadar ýoldaşy bolupdyrlar. Argamak bedewleri ösdürip ýetişdirmek we saklamak üçin giň sähralygyň we jülgeligiň arasynda tebigatyň özi tarapyndan döredilen şertler esasynda meşhur “Görogly” eposy döredi. Dünýä edebiýatynyň altyn gaznasyna girizilen bu ajaýyp eseriň baş gahrymany Gyratatly täsin bedewiň eýesi bolýar. Bubedew “asmanda uçup barýan guşýaly” ýyldyrym çaltlygyndaky ýyndamlyga eýe bolupdyr. Ol öz eýesi üçin wyždanyň, ýeňşiň we şowlulygyň nyşany bolupdyr. Ady rowaýata öwrülen batyr Göroglybeg türkmen mukaddes ene topragy, ataWatany goramak bilen bu ajaýyp bedew bilen köpýyllaryň dowamynda ýöriş edipdir.



2010-njy ýylyň 9-njy maýynda bütin dünýä bu rowaýata öwrülen bedewi edil milli eposyň içinden çykan ýaly, täzeden gören ýaly boldy. Hut şol şöhratly gün biziň Prezidentimiziň atçylyk toplumynyň bedewi bolan Gyrat atly ajaýyp bu ahalteke bedewi türkmen harby rotasyna ýolbaşçylyk etmek bilen, faşizimden üstün çykylmagynyň beýik Ýeňşiň nyşany hökmünde Moskwanyda Gyzylmeýdançada geçirilen dabaraly ýörişe gatnaşdy.Ony birleşdirilen orkestriň owaz yhem, goşun esgerleriniň müňlerçesiniň aýak sesleri hem birjikde ürküzmedi.



Muny geň görüp oturmagyň geregi hem ýok. Sebäbi Gyrat marşal Georgiý Žukowyň 1945-nji ýylyň 24-nji iýunynda Ýeňiş Dabaraly Ýörişini kabul edende münen Arap atly ahalteke bedewiniň gönüden gowy nesli bolup durýar. Gyratyň garry atasynyň kakasy Arap diňe bir 1945-nji ýylyň taryhy ýörişi bilen şöhratlanman, eýsem ol öz ýaşan ýyllarynda ýyndamlygy we ýokary bökmek boýunça köp sanly rekordlary goýmagy bilen şöratlanan bedewdir. Arapdan Soýuzyň birnäçe gezek çempiony we XX asyryň iň gowy sport bedewi diýlip ykrar edilen ahalteke bedewi Absent dünýä indi. Bu bedew bilen S.Filatow 1960-njy ýylda Rimde geçirilen Olimpiýa oýunlarynda altyn medala eýe boldy. 1968-nji ýylda atçylyk sportunyň bilermenleri we atçylyk zawodlarynyň eýeleri Absente dünýäniň iň gowy sport bedewi diýen ady dakdylar.



Sowet hökümetiniň 1956-njy ýylda Beýik Britaniýanyň şazenany Ýelizaweta Meleguş atly altynsow-melereňkdäki ahalteke bedewini sowgat berendigi hemmä mälimdir. Şa köşgüniň bedewler boýunça iň uly bilermenleriniň biri general Wolter Seýliň ykrar etmegi boýunça Meleguş şa athanasynyň bezegi bolupdyr hem-de general şeýle owadan bedewi öň hiç haçan görmändigini belläpdir.

Bu günki güna halteke bedewleri özleriniň ajaýyp häsiýetlerini – altynsow çaýylan ýaly reňklerini, daş ajaýyp görnüşlerini, ýeňilden okgunly çapyşlaryny, egsilmez kuwwatlaryny we güýçlerini saklap galandyklaryny bellemelidiris. Şonuň üçin hem, 2014-nji ýyla – Bedew ylyna gadam basmak bilen, biziň buýsanjymyz we şöhratymyz bolan ajaýyp ahalteke bedewiniň nyşany türkmen halkynyň iň uly üstünlikleri gazanmagyna, her bir öýi bagt, abadançylyk we uly şowlulyk bilen doldurjakdygyna uly ynam bilddirýäris.